# MAKUL HABAR

atawatanhabar@gmail.com ATAVATAN TÜRKMENISTAN ÝANWAR AÝYNYŇ 18-i, 2025


# TÜRKMENISTANYŇ HALKARA MALIÝE DEREJESI PUGTALANDYRYLÝAR



Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onuň gün tertibine döwlet durmuşyna degişli birnäçe meseleler girizildi.

Mejlisiň Başlygy hem-de Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary gözegçilik edýän pudaklarynda alnyp barylýan işler barada hasabat berdiler.

Hususan-da ýurdumyzyň halkara maliýe derejesini pugtalandyrmak we abraýyny ýokarlandyrmak, "Türkmenistanyň daşary ykdysady işini ösdürmegiň 2020 – 2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasynda" kesgitlenen wezipeleri çözmek üçin ugurdaş düzümler bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça görülýän anyk çäreler barada hasabat berlip, Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň Beýik Britaniýanyň "Fitch Ratings" agentligi bilen geçiren işleri barada aýdyldy.

Elektroenergetika pudagyna degişli binalary we desgalary gurmak, durkuny täzelemek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berildi. Nygtalyşy ýaly, paýtagtymyzyň günorta bölegindäki asma ýoluň talabalaýyk bolmagyny gazanmak maksady bilen, düýpli abatlaýyş işlerini geçirmek göz öňünde tutulýar. Bu işler türkmen gurluşykçylary tarapyndan ýerine ýetiriler.

Şeýle hem Aşgabat şäherinde Owganystanyň önümleriniň sergisini we işewürlik maslahatyny geçirmäge görülýän taýýarlyk barada hasabat berildi. Bellenilişi ýaly, şu ýylyň 23 – 27-nji fewralynda geçirilmegi meýilleşdirilýän bu çärelere goňşy ýurduň haryt öndüriji kompaniýalarynyň hem-de Türkmenistan bilen hyzmatdaşlyga gyzyklanma bildirýän işewürleriniň gatnaşmagy göz öňünde tutulýar. Serginiň we işewürlik maslahatynyň çäklerinde özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmek, ýurdumyzda öndürilýän önümleri Owganystana eksport etmek baradaky meseleleri ara alyp maslahatlaşmak meýilleşdirilýär.

Mejlisiň barşynda fewral aýynda geçiriljek medeni-köpçülikleýin çäreler barada hasabat berlip, bellenilişi ýaly, geljek aýda 2025-nji ýylyň "Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly" diýlip yglan edilmegi hem-de Türkmenistanyň diplomatik işgärleriniň güni mynasybetli welaýatlarda, Aşgabat we Arkadag şäherlerinde maslahatlary, döredijilik duşuşyklaryny, brifingleri, wagyz-nesihat çärelerini, aýdym-sazly dabaralary geçirmek göz öňünde tutulýar. Gazet-žurnallaryň redaksiýalary tarapyndan dürli döredijilik bäsleşikleriniň yglan edilmegi meýilleşdirilýär.

Mundan başga-da, "Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly" şygary astynda geçýän 2025-nji ýylda ylmy-barlag edaralarynda, ýokary okuw mekdeplerinde aspirantura, doktorantura, alymlyk derejelerine dalaşgärlige hem-de kliniki ordinatura kabul etmegiň sany baradaky resminamanyň taslamasy taýýarlanandygy bellenildi.

Mejlisde Türkmenistanyň Ýewropa Bileleşigi bilen hyzmatdaşlygyny ösdürmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berildi. Şoňa laýyklykda, Ýewropa Bileleşigi bilen syýasy we ykdysady hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek, şol sanda 2025-nji ýylda Aşgabatda parlamentara dialogyň nobatdaky duşuşygyny, Ýewropa Bileleşiginiň we Merkezi Aziýa döwletleriniň daşary syýasat edaralarynyň ýolbaşçylarynyň 20-nji mejlisini geçirmek, halkara hyzmatdaşlyk boýunça Ýewropa komissarynyň Türkmenistana sapary bilen baglanyşykly teklipler hödürlenildi. Türkmenistanda zenanlaryň mümkinçiliklerini giňeltmek maksady bilen, gender syýasatyna aýratyn üns berilýär. Bu ugurda daşary ýurtlar hem-de halkara guramalar bilen netijeli hyzmatdaşlyk edilýär. Şunuň bilen baglylykda, şu ýylyň aprel aýynyň birinji ongünlüginde Aşgabatda Merkezi Aziýanyň we Ýewropa Bileleşiginiň zenan ýolbaşçylarynyň forumyny geçirmek teklip edilýär.

Ministrler Kabinetiniň mejlisinde milli deňiz we derýa ulaglary pudagynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak babatda «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawodynda amala aşyrylýan işler barada aýdylyp, «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawodynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek boýunça taýýarlanylan teklipler barada hasabat berildi.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

## RESMI HABARLAR

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistanda amala aşyrylýan düýpli özgertmeleri ylmy taýdan esaslandyrmak, ýurdumyzyň ykdysadyýetine we ähli ulgamlaryna ylmyň gazananlaryny giňden ornaşdyrmak, ýokary derejeli hünärmenleri we ylmy işgärleri taýýarlamak maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Buýruga gol çekdi. Resminama laýyklykda, 2025-nji ýylda ylmyň ugurlary boýunça aspirantura, doktorantura kabul ediljek aspirantlaryň, doktorantlaryň hem-de alymlyk derejelerine dalaşgärlige hasaba alynjak dalaşgärleriň, kliniki ordinatura kabul ediljek ordinatorlaryň sany tassyklanyldy.

* * *

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Aşgabat şäheriniň şähergurluşyk-binagärlik keşbini has-da gözelleşdirmek, şeýle hem paýtagtymyzyň ýaşaýjylarynyň we myhmanlarynyň medeniýetli dynç almaklary üçin amatly şertleri döretmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, Energetika ministrliginiň "Türkmenenergogurluşyk" konserniniň degişli döwlet kärhanasyna paýtagtymyzda ýerleşýän asma ýoluň binalarynda we desgalarynda, ýanaşyk ýerlerinde düýpli abatlaýyş işlerini geçirmek barada "Röwşen" hususy kärhanasy bilen şertnama baglaşmaga ygtyýar berildi.

Düýpli abatlaýyş işlerine 2025-nji ýylyň ýanwar aýynda başlamak we desgany 2026-njy ýylyň iýun aýynda ulanmaga doly taýýar edip tabşyrmak bellenildi.

* * *

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň oba hojalyk pudagynda amala aşyrylýan özgertmeleri üstünlikli dowam etdirmek, welaýatlaryň we etraplaryň toprak-howa şertlerine laýyklykda, oba hojalyk ekinlerini görnüşleri boýunça ýerleşdirmek, ekin dolanyşygyny ylmy esasda alyp barmak hem-de ekinleriň hasyllylygyny ýokarlandyrmak arkaly oba hojalyk önümleriniň öndürilişini möçberini has-da artdyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, welaýatlar boýunça 2025-nji ýylda oba hojalyk ekinlerini ýerleşdirmegiň meýilnamasy tassyklanyldy.

Oba hojalyk ministrligi, degişli pudaklaýyn dolandyryş edaralary hem-de welaýatlaryň häkimlikleri ekin dolanyşygyny agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda, ylmy esasda ýola goýmak bilen, öňdebaryjy tejribeleri önümçilige giňden ornaşdyrmak arkaly oba hojalyk ekinleriniň bol hasylynyň öndürilmegini üpjün etmäge borçly edildi.




Türkmenistan Owganystanda raýat ylalaşygyny gazanmak babatdaky tagallalary goldaýar 02





Türkiýäniň ilçisi bilen söhbetdeşlik 03





Astrahan Türkmenistan bilen uçar gatnawlaryny ýola goýmagy meýilleşdirýär 04

JEMGYÝET

# Türkmen halkynyň Milli Lideri:
## Türkmenistan BMG-niň ynamdar hyzmatdaşy hem-de pikirdeşi

**Şu gün türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Antoniu Guterrişiň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik boldy. Bu barada “Watan” habarlar gepleşiginde habar berildi.**



Şu ýyl Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň “2025-nji ýyly Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly” atly Kararnamasynyň durmuşa geçirilmegine gönükdiriler hem-de Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna bagyşlanan çäreleriň giň gerimli maksatnamasyny amala aşyrmak wezipeleri durýar.

Halkara forumynyň geçirilmegi öňde durýan halkara wakalarynyň esasy wakasy bolup biler – diýip, türkmen halkynyň Milli Lideri aýtdy hem-de bu forumy şu ýylyň 12-nji dekabrynda ýurdumyzyň paýtagty Aşgabat şäherinde döwlet Baştutanlarynyň we halkara guramalarynyň ýolbaşçylarynyň derejesinde guramagyň göz öňünde tutulýandygyny belldi.

Şunuň bilen baglylykda, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Antoniu Guterrişi bu sammite gatnaşmaga uly hormat bilen çagyrdy.

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Antoniu Guterriş 2025-nji ýylyň Türkmenistanda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly diýlip bellenilmeginiň ähmiýetini belläp, şu ýylyň Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygynyň hem-de Birleşen Milletler Guramasynyň döredilmeginiň 80 ýyllygyna beslenýändigini aýtdy.

Şunuň bilen baglylykda, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Antoniu Guterriş guramanyň düzümleriniň Türkmenistanda tarapyndan guraljak halkara çärelere işjeň gatnaşjakdygyny belledi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri ýurdumyzyň Milletler Birleşigi bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk etmäge taýýardygyny ýene-de bir gezek tassyklady hem-de Bitarap Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň ynamdar hyzmatdaşy hem-de pikirdeşi, sebitde we dünýäde ygtybarly daýanjy bolandygyny, bolýandygyny we şeýle bolmagynda galjakdygyny belledi.

Telefon arkaly söhbetdeşlik Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Antoniu Guterrişiň başlangyjy boýunça geçirildi.

JEMGYÝET

# Türkmen halkynyň Milli Lideri:
## howpsuzlyk üçin Bitaraplygyň mümkinçiligini ulanmak möhümdir

**Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterriş bilen telefon arkaly söhbetdeşligi boldy.**

Telefon arkaly söhbetdeşligiň dowamynda Gahryman Arkadagymyz BMG-niň Baş sekretaryny 2025-nji ýylda Türkmenistanda Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlykda amala aşyrylmagy göz öňüne tutulýan meýilnamalar bilen tanyşdyrdy. Bellenilişi ýaly, Türkmenistanyň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň dowamyndaky işleriniň we ileri tutýan ugurlarynyň Konsepsiýasy taýýarlanyldy. Bu resminamada ýurdumyzyň häzirki zamanyň ählumumy gün tertibiniň esasy meselelerine garaýyşlary beýan edilýär.



Şeýle-de onda özara ynanyşmak, dialog we jogapkärçilik esasynda döwletleriň tagallalaryny birleşdirmek barada ýurdumyzyň garaýyşlary kesgitlenilýär. Milli Liderimiz bu babatda 2025-nji ýylyň özgerişler ýyly bolup biljekdigini we bolmalydygyny nygtap, BMG-niň Türkmenistanyň Konsepsiýada beýan edilen maksatlaryny goldajakdygyna ynam bildirdi.

Bu Konsepsiýa taýýarlanylanda, köp babatda BMG-niň başlangyjy boýunça geçen ýylyň sentýabrynda geçirilen «Geljegiň sammitiniň» esasy mazmunyna esaslanylandygy aýratyn bellenildi. Şoňa görä-de, Türkmenistan Konsepsiýany şol sammitiň jemleýji resminamasy bolan «Geljegiň hatyrasyna pakty» durmuşa geçirmäge özboluşly goşant hasaplaýar.

BMG-niň Baş sekretary ählumumy gün tertibiniň möhüm meselelerini çözmekde tagallalary birleşdirmäge gönükdirilen Konsepsiýanyň wajypdygyny belläp, ony dolulygyna makullady.

Türkmen halkynyň Milli Lideri öňde durýan işleriň esasy ugurlary barada aýdyp, howpsuzlyk bilen bagly meselä ünsi çekdi hem-de Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda Ählumumy howpsuzlyk strategiýasyny işläp taýýarlamak baradaky başlangyjyny nygtady. Gapma-garşylykly ýagdaýlaryň öňüni almagyň we olary aradan aýyrmagyň guraly hökmünde öňüni alyş diplomatiýasyny işjeň ulanmak bu strategiýanyň esasy ugurlarynyň hataryndadyr.

Türkmen halkynyň Milli Lideri BMG-niň parahatçylyk döredijilikli tagallalaryny ilerletmek üçin Bitaraplygyň mümkinçiligini giňden ulanmagyň, ählumumy howpsuzlygy üpjün etmek bilen bagly ynanyşmak dialogynyň medeniýetini dikeltmegiň möhümdigini belledi. Milli Liderimiz bu teklipleriň iş ýüzünde amala aşyrylmagynyň dünýäde syýasy dartgynlygy azaltmaga ýardam etjekdigine ynam bildirip, Türkmenistanyň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda sebit howpsuzlygy bilen bagly meseleler boýunça dialogy işjeňleşdirmegi pugta maksat edinýändigini tassyklady. Anyk aýdylanda, gürrüň Merkezi Aziýadaky ýagdaý barada barýar. Biz Türkmenistanyň başlangyjy boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň kabul eden «Merkezi Aziýa – parahatçylyk, ynanyşmak we hyzmatdaşlyk zolagy», «Merkezi Aziýada ýadro ýaragyndan azat zolak hakyndaky Şertnama» atly Kararnamalaryna esaslanmagy maksat edinýäris diýip, Gahryman Arkadagymyz aýtdy.

JEMGYÝET

# Türkmenistan Owganystanda raýat ylalaşygyny gazanmak babatdaky tagallalary goldaýar

**Bitarap döwlet hökmünde Türkmenistan Owganystanda parahatçylygy we raýat ylalaşygyny gazanmak, onuň ykdysady üpjünçilik ulgamlaryny dikeltmek, durmuş meselelerini çözmek boýunça tagallalary goldaýar. Bu barada BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterriş bilen telefon arkaly söhbetdeş bolan türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow belläp geçdi.**

Bellenilişi ýaly, Türkmenistan Owganystanda häzirki täze häkimiýet babatda oýlanyşykly, hakyky ýagdaýdan ugur alýan syýasaty alyp barýar. Şeýle hem bu ýurduň täze häkimiýeti bilen Birleşen Milletler Guramasynyň garaýyşlaryny, halkara derejede ykrar edilen çemeleşmeleri nazara alyp, dialogy saklaýar. Şunuň bilen birlikde, ýurdumyz owgan tarapynyň gatnaşmagynda iri ykdysady taslamalary durmuşa geçirýär. Şolaryň hatarynda Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan gaz geçirijisiniň, Owganystanyň çäginden Pakistana uzajak elektrik geçiriji ulgamyň, Türkmenistandan owgan ugry boýunça demir ýollaryň gurluşygy bar.

Türkmenistan köp ýyllaryň dowamynda Owganystanyň ilatyna ynsanperwerlik kömegini hem berip gelýär. Ýurdumyz öz serişdeleriniň hasabyna durmuş maksatly desgalaryň gurluşygyny amala aşyrýar diýip, Gahryman



Arkadagymyz belledi we şeýle kömegiň geljekde-de üýtgewsiz dowam etdiriljekdigini nygtady.

BMG-niň Baş sekretary Milli Liderimiziň telefon arkaly söhbetdeşligiň dowamynda beýan eden, dünýäde we sebitde parahatçylygy, durnukly ösüşi, abadançylygy pugtalandyrmaga gönükdirilen tekliplerniň we başlangyçlarynyň möhüm ähmiýetini nygtady hem-de olary goldady.

JEMGYÝET

# Türkiýäniň ilçisi bilen söhbetdeşlik





**Mälim bolşy ýaly, şu ýyl, ýagny 2025-nji ýyl Türkmenistanda "Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly" diýlip yglan edildi. Üstümizdäki ýylda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllyk şanly toýy dabaraly bellenýär.**

Şu nukdaýnazardan, "Atavatan Türkmenistan" halkara žurnaly Türkmenistandaky daşary ýurt diplomatik wekilhanalarynyň hem-de halkara guramalarynyň ýolbaşçylary bilen söhbetdeşlik etmek başlangyjy bilen çykyş etdi. Şonuň netijesinde, ilkinji söhbetdeşlik Türkiýe Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Ahmet Demirok bilen guraldy.

Ilçi žurnalyň döredijilik topary kabul edip, beren sowallaryna jogap berdi. Doganlyk Türkiýe Respublikasynyň ilçisi söhbetdeşligiň dowamynda "bir millet, iki döwlet" ýörelgesi esasynda ösdürilýän türkmen-türk gatnaşyklary barada gyzykly gürrüňler berdi. Hususan-da ilçi 2024-nji ýylyň iki döwletiň arasyndaky syýasy, ykdysady we medeni-ynsanperwer gatnaşyklarynda baý ýyllaryň biri bolandygyny belledi. Ikitaraplaýyn esasda birnäçe ýokary derejede saparlaryň gurnalandygy, Türkmenistan bilen Türkiýe Respublikasynyň arasynda hususan-da tebigy gaz pudagynda oňyn öňegidişlikleriň gazanylandygyny belledi.

Şeýle hem ilçi 2024-nji ýylda "Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy" ýylynda hut özüne hem Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli medalyň gowşurylmagynyň durmuşynda ýatdan çykmajak wakalaryň biri bolandygyny belläp geçdi.

Türkiýe Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Ahmet Demirok bilen guralan söhbetdeşligi, "Atavatan Türkmenistan" halkara žurnalynyň "www.atavatan-turkmenistan.com" web saýtynda dolulygyna okap bilersiňiz.

JEMGYÝET

# Türkmenistanyň we Gazagystanyň ministrleriniň telefon söhbetdeşligi



2025-nji ýylyň 16-njy ýanwarynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary, Daşary işler ministri Raşid Meredow Gazagystan Respublikasynyň Premýer-ministriniň orunbasary, Daşary işler ministri Murat Nurtleu bilen telefon arkaly söhbetdeşlik geçirdi.

Taraplar syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer ugurlarda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyga degişli köp sanly meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar.

Şol bir wagtyň özünde, daşary syýasat edaralarynyň ýolbaşçylary halkara gün tertibiniň möhüm ugurlary boýunça pikir alyşdylar hem-de sebit we halkara gurluşlaryň çäklerindäki özara gatnaşyklary dowam etdirmegiň möhümdigini tassykladylar.

JEMGYÝET

# Türkmenistanda 2025-nji ýylda geçiriljek halkara çäreler

**TÜRKMENISTAN TARAPYNDAN HALKARA PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK ÝYLYNY MYNASYP DEREJEDE GEÇIRMEK BOÝUNÇA TEKLIP EDILÝÄN AŞAKDAKY ANYK IŞLERI HEM-DE ÇÄRELERI:**

**1. HALKARA FORUMLAR WE MASLAHATLAR:**

- 2025-nji ýylyň ýanwarynda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň resmi açylyşy;
- mowzuklaýyn maslahatlar we dialoglar, şol sanda BMG-niň Howpsuzlyk geňeşiniň we Baş Assambleýasynyň, Goşulyşmazlyk Hereketiniň, BMG-niň Parahatçylygy üpjün etmek boýunça komissiýasynyň we beýleki halkara meýdançalaryň çäklerinde;
- parlamentara dialog forumy;
- parahatçylygy, ynanyşmagy we howpsuzlygy berkitmek boýunça sebit maslahatlary;
- parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň bähbidine Bitaraplygyň dostlary toparynyň yzygiderli duşuşyklary;
- parahatçylygyň we howpsuzlygyň bähbidine zenanlaryň we ýaşlaryň ornuny berkitmek boýunça halkara çäreler;
- BMG-niň ştab-kwartirasynda bitaraplyk bilen bagly geçiriljek maslahat.

**2. MAGLUMAT WE AŇ-BILIM IŞI:**



- bitaraplygyň ýörelgelerine, onuň dawalaryň öňüni almakda, durnukly ösüşi gazanmakda eýeleýän ornuna bagyşlanan maglumatlary taýýarlamak we çap etmek;
- bilim maksatly çäreleri, ýagny okuw sapaklaryny, interaktiw okuw maslahatlaryny guramak;
- parahatçylygyň we ynanyşmagyň ynsanperwer ýörelgelerini wagyz etmek hem-de bu işe ählumumy derejede ýaşlaryň goşulyşmagyny gazanmak maksady bilen, jemgyýetçilik torlaryny we sanly diplomatiýany amala aşyrmagyň mümkinçiliklerini ulanmak.

**3. HALKARA MEDENI-KÖPÇÜLIKLEÝIN ÇÄRELER:**

- "Parahatçylyk sazy" atly festiwal;
- "Parahatçylyk we ynanyşmak" atly halkara ýaşlar bäsleşigi;
- halkara sport çäreleri;
- Birleşen Milletler Guramasynyň oýunlarynyň geçirilmegi;
- talyplar üçin ylmy bäsleşikler we maslahatlar;
- mekdeplerde parahatçylyk we ynanyşmak baradaky açyk sapaklar.

**4. BMG-NIŇ WE BEÝLEKI HALKARA GURAMALARYŇ DEREJESINDÄKI IŞLER:**

- Bitaraplygyň dostlary toparynyň mowzuklaýyn duşuşygy;
- parahatçylyk zolagy boýunça BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlisi;
- ösüşi maliýeleşdirmek boýunça sebitleýin duşuşyk.

**5. WEBINARLAR WE WIDEOMASLAHATLAR:**

- hyzmatdaşlar bilen bitaraplyk hakynda webinarlar;
- halkara gatnaşyklar boýunça bilim berýän ýokary okuw mekdepleriniň arasynda wideomaslahatlar.

6. Sebitleýin we ýöriteleşdirilen çäreler:

- Hazar meselesi boýunça duşuşyklar;
- Merkezi Aziýada hyzmatdaşlyk meseleleri boýunça köptaraplaýyn dialoglar;
- ýöriteleşdirilen halkara guramalaryň ugry boýunça okuw maslahatlary.

BIZNES

# Türkmenistan Bitaraplygyň 30 ýyllygyna täze «Yutong» awtobuslaryny satyn alar

**2025-nji ýylda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygynyň baýramynyň çäklerinde «Yutong ZK6128HG» kysymly döwrebaplaşdyrylan şäheriçi awtobuslaryny satyn almak meýilleşdirilýär. Degişli Karara ýurdumyzyň Prezidenti ýakynda Ministrler Kabinetiniň mejlisinde gol çekdi.**



Şeýlelik bilen, Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň «Türkmenawtoulaglary» agentligine döwrebap ulaglaryň 700-sini satyn almak üçin Hytaý Halk Respublikasynyň «Yutong Bus Co., Ltd.» kompaniýasy bilen şertnama baglaşmaga ygtyýar berildi.

Türkmenistanyň awtoparkynda şäher üçin hem-de şäherara ugurlary üçin «Toyota», «Hyundai Universe Luxury», «Hyundai Universe Noble», «Hyundai Super Aero City», «Yutong ZK6129H» we beýleki dürli kysymly ulaglaryň ulanylýandygyny bellemek gerek. Awtoparkynyň häzirkizaman ulaglary bilen yzygiderli täzelenmegi täze ugurlaryň ösmegine we innowasiýa tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagyna ýardam edýär.

«Yutong» awtobuslarynyň rahatlygy, tygşytlylygy we howpsuzlygy utgaşýar, şeýle hem halkara ekologiýa ölçeglerine laýyk gelýär. Ulag öndüriji kompaniýa täze energiýa çeşmelerinde işleýän ulaglary işjeň işläp taýýarlaýar we öndürýär.

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen gurlan Arkadag «akylly» şäherinde «Yutong ZK6128BEVG» kysymly we «Anhui Jianghuai Automobile Group Corp., Ltd.» kompaniýasyndan «JAC E-J7» kysymly elektrik ulaglary şäheriň ýaşaýjylaryna we myhmanlaryna ýokary hilli hyzmat edýär.

Häzirki wagtda «Türkmenistany 2022 – 2028-nji we 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamalaryna» laýyklykda amala aşyrylýan ulag düzümlerini döwrebaplaşdyrmaga gönükdirilen öndürijilikli özgertmeleri işjeň amala aşyrylýar. Maksatnamalaryň esasy maksatlary – ýolagçylara hyzmatyň hilini ýokarlandyrmak we hödürlenýän hyzmatlaryň gerimini giňeltmekdir.

Arkadag şäherine iş saparynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Gökdepe şaýolunyň ugrundaky köp zolakly köpriniň taslamasy bilen tanyşdy. Taslamanyň möhümdigini belläp, Gahryman Arkadagymyz bu möhüm sebitde ulag üçin amatly şertleri döretmek barada görkezmeler berdi.

SYÝAHATÇYLYK WE SAGLYK

# Astrahan Türkmenistan bilen uçar gatnawlaryny ýola goýmagy meýilleşdirýär

Russiýa Federasiýasynyň Astrahan oblasty Hazarýaka döwletleri bilen dürli ugurlarda hyzmatdaşlygyny ösdürýär. Bu hyzmatdaşlyk syýahatçylyk pudagy hem öz içine alýar.

Astrahan oblastynyň daşary aragatnaşyklar ministri Wladimir Golowkow ýerli metbugata beren beýanatynda Hazarýaka döwletleri bilen syýahatçylyk pudagyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmek barada belläp geçdi.

Onuň bellemegine görä, syýahatçylyk pudagyndaky hyzmatdaşlygynda awiagatnawlara hem uly orun degişlidir. Bu hem işewür gatnaşyklaryny hem-de talyplaryň alyş-çalyşygy nukdaýnazaryndan möhümdir.

Wladimir Golowkow Tükrmenistan bilen awiagatnawlary ýola goýmak babatda degişli işler alnyp barylýandygyny belläp, Astrahan-Aşgabat ýa-da Astrahan-Türkmenbaşy ugry boýunça uçar gatnawlaryny guramak meselesine garalýandygyny aýtdy.

Şeýle hem ol ýakyn wagtda Hazar deňzi boýunça gämili syýahatçylygyň ýola goýuljakdygyny aýtdy. Muňa äňli hyzmatdaşlarynyň uly sabyrsyzlyk bilen garaşýandyklaryny belläp geçdi.





SPORT

# Türkmenistan we Belgiýanyň futbol wekilleriniň onlaýn duşuşygy

2025-nji ýylyň 10-njy ýanwarynda Türkmenistanyň Futbol federasiýasynyň wekilleriniň we Belgiýa Patyşalygynyň Futbol Assosiasiýasynyň wekilleriniň arasynda onlaýn-duşuşyk geçirildi.

Geçirilen duşuşygyň esasy ugry BPFA-nyň baý tejribesini ulanyp, biziň ýurdumyzda tälimçilik bilimini artdyrmaga hem-de çagalar-ýetginjekler futboluny ösdürmäge bagyşlanyldy.

Taraplar TFF-niň wekiliýetiniň Belgiýa futbolynyň işleriniň gurluşyny hem-de ýaş zehinleri ýetişdirmegiň metodikasyny öwrenmek maksady bilen BPFA sapar guramagy meýilleşdirdiler.

SYÝAHATÇYLYK WE SAGLYK

# Aşgabat-Stambul-Aşgabat gatnawynda bilet arzanladyşy




**"Türk Howaýollary" awiakompaniýasy 14-nji fewral-Walentina güni mynasybetli jübütleriň syýahaty üçin ýolagçylara uçar biletleri babatda ýörite arzanlaşyk edýär. Bu barada "Eşretli Syýahat" hojalyk jemgyýeti habar berdi.**

**Habar berilmegine görä, 2025-nji ýylyň 15-nji ýanwary – 17-nji fewraly aralygynda biletleriň satuwy amala aşyrylyp, bu arzanladylan biletleri 3-nji fewral-17-nji marty aralygyndaky uçar gatnawlary üçin alyp bolar. Şol döwürde 2 adam üçin biletiň bahasy 796 dollara deňdir.**

SYÝAHATÇYLYK WE SAGLYK

# "S7" awiakompaniýasy Moskwa-Aşgabat-Moskwa ugry boýunça howa gatnawlary ýerine ýetirip başlady



**Ýolagçylardan gelip gowşan ýokary derejeli islegleri doly kanagatlandyrmak maksady bilen ýurdumyz halkara hyzmatdaşlygynda gazananlary netijesinde raýatlarymyzyň islegIerini kanagatlandyrmaga dowam edýär.**

**Türkmenistan köpýyllaryň dowamynda Russiýa Federasiýasynyň "Sibir" (S7) awiakompaniýasy bilen möhüm hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny alyp barýar. Şonuň netijesinde hem Russiýa Federasiýasynyň "Sibir" (S7) awiakompaniýasy tarapyndan 2025-nji ýylyň ýanwar aýynyň 09-na Moskwa-Aşgabat-Moskwa ugry boýunça hepdäniň duşenbe we penşenbe günleri goşmaça yzygiderli ýolagçy howa gatnawlary ýerine ýetirilip başlandy.**

**Şeýlelikde, häzirki wagt Russiýa Federasiýasynyň "Sibir" (S7) awiakompaniýasy tarapyndan Moskwa-Aşgabat-Moskwa ugry boýunça hepde-de 7 sany yzygiderli ýolagçy howa gatnawy ýerine ýetirilýär. Bu bolsa ýurdumyzyň halkara giňişligindäki ýola goýan dostana hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň berk binýada daýanýandygy subut edýär.**